# Dipfeýk kezzaplygy

Category: Kitapcy,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dipfeýk kezzaplygy DIPFEÝK KEZZAPLYGY




*Tehnologiýa barha ösýär. Hünärmenler emeli añyñ saýlawlaryñ manipulýasynda-da ulanmagyndan howatyrlanýar. (Reuters)*
Hytaýdaky kezzaplyk emeli añyñ we dipfeýkiñ (deepfake) howpuny ýene bir gezek açyp görkezdi. Polisiýanyñ şenbe güni beren beýanatynda Içerki Mongoliýa Awtonom raýonyna degişli Baotouda dipfeýk tehnologiýasyndan peýdalanan ogry diñe familiýasy mälim edilen Guonyñ bir tanşynyñ keşbini we sesini ýasady.
Aldawçy soñra Guo bilen wideojañ arkaly habarlaşdy. Tehnologiýanyñ kömegi bilen tanşynyñ bir işe depozit goýmagyñ gerekdigine ynanan jebir ceken aldawça 4,3 million ýuan ugratdy.
Ady mälim edilmedik raýat tanşy bilen hakykatdanam gürleşip gördi welin, onuñ beýle pikiriniñ ýokdugyny bildi we şeýdibem ol aldanylandygyny duýup, polisiýa habar etdi.
Baotou şäher okrugynyñ polisiýasy tabşyrygyñ 3,3 million ýuanlyk böleginiñ doñdurylandygyny, puluñ galan böleginiñ we kezzabyñ tapylmagy üçin işleriñ dowam edýändigini mälim etdi.
Bu kezzapçylykly waka sosial mediýa platformasy «Weibo»-daky agzalaryñ ünsüni çekdi. Ulgamda wirtual dünýädäki ýaşyrynlyga we howpsuzlyga garşy gönükdirilen howplaryñ gürrüñi edilmäge başlandy. «Emeli añ aldawçylygy ýurt boýunça çygyrdan çykdy» manysyny beren ýarlyk 120 million gezek görüldi.
«Weibo»-nyñ bir agzasy «Bu ýagdaý kezzaplaryñ islendik

fotosuratdan, sesden we wideodan peýdalanyp biljekdigini görkezýär. Maglumat howpsuzlygynyň kadalary bular ýalylaryň tilsimlerine eýgerip bilermikä?» diýdi.

Şeýle tehnologiýa soňky ýyllarda adamlaryň keşbine girmekde barha ökdeleşýär. Şeýle-de, internetde tölegsiz emeli aň serişdelerini edinmek we ulanmak aňsat. Emel aň aldawçylygy dünýä boýunça soňky döwürde giňden ýaýrady. Kezzaplar bu tehnologiýa arkaly seslere öýkünip, adamlary talamaga synanyşýar.

Mysal üçin, geçen aý ABŞ-nyň Arizona ştatynda Žennifer DeStefano nämälim belgiden gelen jaňy alanda, 15 ýaşly gyzydygyna ynanan kişiniň «möňňüre-möňňüre aglandygyny» eşidipdi. Aňyrdan gelen ses «Eje, hemme zat gutardy!» diýip, yzyndanam bir erkek sesi näme islýändigini aýdypdy. Çagany ogurlan kişi gyzy boşatmak üçin ilki 1 million dollar talap edipdi, soňra ol hyrajyny 50 müň dollara düşüripdi. DeStefano «Ol adam telefonda «Diňle meni, gyzyň meň elimde» diýen ýaly zatlary aýtdy, diýdi. DeStefano gyzynyň ogurlanmandygyny diňe tanşy adamsyna jaň edip howpsuz ýerdedigini anyklqndqn soň bildi we polisiýany habarly etdi.

# The Independent, Reuters, Gizmodo, Asia Financial Times.

Taýýarlan: Ugurjan ÝYLDYZ.

Sişenbe, 23.05.2023 ý. Ylym we tehnologiýa